**Diýdiler: «Dünýäde nämedir gyt zat?»**
**Üç gezek diýdiler: «Ussat! Ussat! Ussat!»**
**«Näçe gyt bolsa-da ussat – diýdiler,**
**Çyn şägirt ondanam gyt zat!» diýdiler.**

**Kerim Gurbannepesow**

Ussat — agaç, şägirt — kölegesi. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda ýaş nesliň ýokary bilimli, kämil dünýägaraýyşly bolmagyny gazanmak, Watan söýgüsiniň belentliginde durmuşa çynlakaý çemeleşýän ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek, halypa-şägirtlik ýoluna giň mümkinçilikler döredip berdi.

Halkymyzda «miweli daragt» düşünjesi, ilkinji nobatda, şägirt ýetişdirip bilýän halypalar hakynda söz açylanda has köp ýatlanylýar. Sebäbi, halypa-şägirtlik ýoly müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan milli ýörelgämizdir.

Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň ylymly-bilimli, ilhalar hünärmenler bolup ýetişmeginde halkymyzyň ruhy-ahlak ýoly bolan halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirmegiň ähmiýeti diýseň uludyr. Bu babatda pederlerimiziň ýörelge mekdebiniň röwşen ertirleriň ösüş menzillerini nazarlaýandygy şübhesizdir.

Haýsy ugurda zähmet çekýändigine garamazdan, halypa öz ugrunyň alymy hasaplanýar. Taryhdaky alym-akyldarlarymyz hem şeýle menzili — halypa-şägirtlik ýoluny geçen beýik ynsanlardyr. Türkmençilikde biriniň başarnygy, il içindäki hormat-sylagy hakynda gürrüň edilende, gep onuň asylly gelip çykyşyna syrykdyrylyp: «Ol mekdep gören-dä», «Halypa gören-dä» diýilýär.

Täze taryhy döwrümizde şöhratly taryhymyzy, ata-baba asylly ýol-ýörelgelerimizi çuňňur öwrenmäge, ony dünýä ýaýmaga, geljekki nesillerimize ýetirmäge giň ýol açyldy. Halypanyň elinde tälim alan şägirt, ol eýýäm kämillige gol beren ynsandyr. Ýurdumyzda halypa-şägirtlik ýoluny kämilleşdirmekde we ony durmuşa ornaşdyrmakda maslahatlar, duşuşyklar hem-de dabaraly çäreler yzygiderli geçirilip durulýar.

Şeýle hem bize halypa-şägirtlik ýörelgerini ýöretmekde giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag ömürleriniň uzak başlarynyň dik bolmagyny, işleriniň mundan beýläk hem rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Maksat HAÝYDOW**

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024

**Türkmen Oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy**

Все права защищены